**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni we Garaşsyz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 26 ýyllygy mynasybetli «Bitarap Watanymyz nusga äleme, sport ylham berýär her bir ýürege» atly uzak aralykdan döredijilik bäsleşigini geçirmegiň**

**D Ü Z G Ü N N A M A S Y**

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa ornaşdyrmagyň meýilnamasynda, «Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» we ony amala aşyrmak boýunça meýilnamada kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni we Garaşsyz Watanymyzyň baky Bitaraplygynyň 26 ýyllygy mynasybetli «Bitarap Watanymyz nusga äleme, sport ylham berýär her bir ýürege» atly uzak aralykdan döredijilik bäsleşigini geçirmek boýunça şu düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## I. Umumy düzgünler

Şu düzgünnama Halkara Bitaraplyk güni we Garaşsyz Watanymyzyň baky Bitaraplygyna eýe bolmagynyň 26 ýyllygy mynasybetli geçirilýän «Bitarap Watanymyz nusga äleme, sport ylham berýär her bir ýürege» atly uzak aralykdan döredijilik bäsleşigini geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

**«Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi bizi üçünji müňýyllygyň möhüm maksatlaryna ýetmäge — ählumumy parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge, halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga işjeň ýardam bermäge borçly edýär»** diýip nygtaýan hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistan döwletimiz bedenterbiýe we sport ugrunda hem hemişelik Bitaraplygyň ynsanperwerlik ýörelgelerinden ugur alýar. Bitaraplyk ýörelgeleriniň gymmatlyklaryny iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirip, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly sylag-hormata mynasyp bolan Türkmenistan sporta dünýä ýüzüniň ähli halklarynyň arasynda dost-doganlygy pugtalandyrmagyň, ählumumy ösüşiň, belent adamkärçilik duýgularyna ýugrulan ynsanperwerlik ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmagyň täsirli guraly hökmünde garaýar. Şunuň bilen baglylykda, Hormatly Prezidentimiziň sportuň köpçülikleýin häsiýete eýe bolmagy üçin, diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem-de bolsa, dünýä ýüzünde hem ägirt uly hyzmatlary bitirendigini, onuň bu babatda öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan bimöçber goldawa eýe bolýandygyny buýsanç bilen bellemek gerek.

Häzirki zamanda dünýä ýüzünde adamzat durmuşynyň iňňän wajyp gyzyklanma döredýän pudagy bolan sporty jemgyýetde giňden wagyz etmek, ösen dünýägaraýyşly şahsyýetiň kemala gelmeginde onuň ähmiýetini düşündirmek, olarda bedenterbiýe we sporta bolan garaýyşlary terbiýelemek, Türkmenistanda bedenterbiýe we sporty ösdürmek üçin täzeçe çemeleşmeleri durmuşa geçirmek,

häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülen sporty ilatyň arasynda giňden wagyz etmek maksady bilen, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty «Bitarap Watanymyz nusga äleme, sport ylham berýär her bir ýürege» atly uzak aralykdan döredijilik bäsleşigini yglan edýär.

## II. Uzak aralykdan döredijilik bäsleşiginiň maksady we wezipeleri

Bäsleşigiň geçirilmegi Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli guralýan dabaralara mynasyp goşant goşmaga, döredijilik bilen gyzyklanýan giň dünýägaraýyşly, zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam eder.

Bäsleşigiň maksady:

- Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesiniň türkmen sportuna ýetirýän düýpli täsirini çeper beýan etmek;
- Hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürülýän sagdyn durmuş ýörelgelerini we köpçülikleýin sporty ösdürmek boýunça dünýä jemgyýetçiligine gönükdirilen başlangyçlaryň möhüm ähmiýetini açyp görkezmek;
- bedenterbiýe we sporty ösdürmek boýunça öňe sürülýän döwlet syýasatynyň oňyn netijeleriniň ähmiýetini çeper döredijilik arkaly wasp etmek;
- Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanda sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmek boýunça öňe sürýän möhüm başlangyçlary esasynda amala aşyrylan, türkmen sportunyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan sport wakalaryny çeper sözüň üsti bilen teswirlemek;
- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we olary döredijilik başlangyçlaryna ruhlandyrmak;
- ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň we talyp ýaşlarynyň bilelikde pikir alyşmaklaryny guramak;
- talyplaryň döredijilik işjeňligini höweslendirmek, özbaşdak işlemek endiklerini ýokarlandyrmak.

Bäsleşigiň wezipeleri:

- Zehinli, döredijilige ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň döredijilik mümkinçiliklerini mundan beýläk hem netijeli peýdalanmaklary üçin amatly şertleri döretmek;
- sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriniň özara aragatnaşygyny amala aşyrmak;
- ýokary okuw mekdepleriniň ylym-bilim babatda özara gatnaşyklaryny pugtalandyrmak.

## III. Uzak aralykdan döredijilik bäsleşiginiň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän «Bitarap Watanymyz nusga äleme, sport ylham berýär her bir ýürege» atly uzak aralykdan

döredijilik bäsleşigini geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk toparynyň düzümi Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanylýar.

Guramaçylyk topary:

- Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda uzak aralykdan döredijilik bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar;
- bäsleşigi geçirmegiň tertibini, möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri hem-de usulyýet-gözükdiriji gollanmalary taýýarlaýar;
- ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryndan gelip gowşan işleri bellenilen talaplar boýunça adalatly bahalandyryp, ýeňijileri kesgitleýär.

## IV. Uzak aralykdan döredijilik bäsleşigini geçirmegiň tertibi

Uzak aralykdan döredijilik bäsleşigine Türkmenistanyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplary gatnaşyp biler.

Bäsleşik şu aşakdaky ugurlar boýunça geçiriler:

1. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň türkmen sportunyň ösüşine ýetiren täsirini giňişleýin beýan edýän makalalar;
2. Türkmen sportuny wasp edýän şygyr eserleri;
3. Türkmen sportuny wasp edýän kyssa eserleri.

Uzak aralykdan döredijilik bäsleşigine hödürlenilýän işleri resmileşdirmäge bildirilýän talaplar:

Işiň möçberi A4 (210x297 mm) formatda 3 sahypa çenli, teksti Times New Roman şrifti bilen 14-lik ölçegde, setir arasy 1, ady 16-lyk ölçegde ýazylmalydyr. Sahypa ölçegi ýokary we aşak taraplarda – 2,0 sm, çep tarapda – 2,5 sm, sag tarapda 1,5 sm bolup, Word formatynda doc, docx giňeltmeleri bilen faýlyň adyna ýokary okuw mekdebiniň gysgaldylan ady, şeýle hem awtoryň familiýasy, ady ýazylan görnüşinde taýýarlanylmalydyr.

Awtor baradaky nusga laýyklykda doldurylan maglumatlar işiň ýanyna goşulyp, 2021-nji ýylyň 30-njy noýabryna çenli «tdbsi@sanly.tm», «tdbsi@mail.ru» elektron poçtalaryna iberilmelidir.

| Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Uzak aralykdan döredijilik bäsleşigine hödürlenilýän işiň ady | Ýokary okuw mekdebi | Fakulteti, hünäri, okuw ýyly | Ylmy ýolbaşçysy | Elektron salgysy |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

## V. Uzak aralykdan döredijilik bäsleşiginiň netijelerini jemlemegiň we sylaglamagyň tertibi

1. Uzak aralykdan döredijilik bäsleşigine hödürlenen işlere ýurdumyzyň belli sport žurnalistlerinden hem-de Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda sport žurnalistikasy boýunça bilim berýän professor mugallymlardan ybarat bolan eminler toparynyň agzalary baha berýärler hem-de ýeňijileri kesgitleýärler.

2. Bäsleşikde üstünlikli çykyş eden talyplar Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň I, II, III derejeli diplomlary bilen sylaglanylýar.

3. Bäsleşikde üstünlik gazanan işler Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministliginiň «Türkmenistan Sport» halkara žurnalyna we onuň «7/24.tm» atly hepdelik elektron goşundysyna, «Türkmen sporty» gazetine çap etmäge hödürlenilýär.

4. Bäsleşigiň geçişi we ýeňijileri baradaky maglumatlar institutyň «http://tdbsi.edu.tm/» resmi web-saýty arkaly habar berilýär.

**Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni we Garaşsyz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 26 ýyllygy mynasybetli sport psihologiýasy boýunça «Sport psihologiýasy – beden we ruhy taýdan kämillige itergi» atly uzak aralykdan internet bäsleşigini geçirmegiň**

# D Ü Z G Ü N N A M A S Y

Hormatly Prezidentimiziň bilimli, ylymly, giň dünýägaraýyşly, döwrümize mynasyp, kämil nesli kemala getirmek barada öňümizde goýan wezipelerinden, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyndan», «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» ugur alyp,
ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Halkara Bitaraplyk güni we Garaşsyz Watanymyzyň baky Bitaraplygynyň 26 ýyllygy mynasybetli sport psihologiýasy boýunça «Sport psihologiýasy – beden we ruhy taýdan kämillige itergi» atly uzak aralykdan internet bäsleşigini geçirmek boýunça şu düzgünnama işlenip taýýarlanyldy.

## I. Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sport psihologiýasy boýunça «Sport psihologiýasy – beden we ruhy taýdan kämillige itergi» atly uzak aralykdan internet bäsleşigini geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony guramagyň tertibini kesgitleýär.

Ýurdumyzyň sport ulgamyndaky wajyp talaplara öwrülen gaýragoýulmasyz wezipeleriň biri hem ýokary derejeli ussat türgenleri taýýarlamak meselesidir. Ylmy nazaryýetiň şu günki gazananlarynyň berk talaplary esasynda ýokary derejeli ussat türgenleriň beden mümkinçilikleriniň çäklerini, ýokary netijeleri gazanmagynyň ýollaryny, türgenleriň ruhy we psihologik taýdan taýýarlyklaryny düýpli barlaglaryň seljermeleri esasynda öwrenmek, alnan maglumatlara daýanyp, bu ugurda ähmiýetli bolan peýdaly maslahatlary ylmy esasda işläp taýýarlamak möhümdir. Türgeniň ýaryşa psihologik taýýarlyk ýagdaýynyň anyklanylyş işinde häzirki zamanyň sport psihologiýasyna, türkmen halkynyň etnopsihologik häsiýetlerine, ýaryş şertlerinde olaryň aýratynlyklaryna hem-de ähmiýetine daýanmaga wajyp meseleleriň biri hökmünde garalýar.

Sporta, psihologiýa degişli meseleleri seljermäge, derňemäge başarnyklary bolan zehinli talyplary ýüze çykarmak maksady bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty «Sport psihologiýasy – beden we ruhy taýdan kämillige itergi» atly uzak aralykdan internet bäsleşigini yglan edýär.

## II. Uzak aralykdan internet bäsleşiginiň maksady we wezipeleri

- Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet

maksatnamasyndan», «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyndan» gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek;

- sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleriniň özara aragatnaşygyny ýokarlandyrmak;
- talyp ýaşlara döredijilikli pikirlenmegi, özbaşdak işlemegi öwretmek;
- bedenterbiýäni, sporty ylmy esasda öwrenmegi kämilleşdirmek;
- sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly talyplarda gyzyklanma döretmek;
- ýaş nesliň bilimleri özleşdirmäge bolan gyzyklanmasyny we höwesini artdyrmak.

## III. Uzak aralykdan internet bäsleşigini geçirmegiň tertibi

1. Uzak aralykdan internet bäsleşigine psihologiýa hünäri boýunça bilim alýan we gyzyklanma bildirýän talyplar gatnaşyp biler.

Bäsleşik şu aşakdaky ugurlar boýunça geçiriler:

1. Ukyply çagalary sporta ugrukdyrmak, çagalykdan sporta söýgi döretmek, üstünlige itergi bermek boýunça psihologik sowallaryň toplumyny işläp düzmek;

2. Türgende ynamlylygy, maksada okgunlylygy, çözgüt tapyjylygy, tutanýerliligi, çydamlylygy we özdiýenliligi kemala getirmäge ýardam edýän sowallaryň toplumyny işläp düzmek;

3. Sportda aşa tolgunmagy, joşgunlylyk duýgularyny ýeňip geçmek, türgeni ýeňliş ýagdaýyndan çykarmak üçin sowallaryň toplumyny işläp düzmek.

Uzak aralykdan internet bäsleşigine hödürlenilýän psihologik sowallaryň toplumy 50 (elli) soragdan ybarat bolup, umumylykda bir meseläniň çözgüdini açyp görkezmäge gönükdirilmelidir.

Awtor baradaky nusga laýyklykda doldurylan maglumatlar işlenip düzülen sowallar toplumynyň ýanyna goşulyp, 2021-nji ýylyň 30-njy noýabryna çenli «tdbsi@sanly.tm», «tdbsi@mail.ru» elektron poçtalaryna iberilmelidir.

| Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Psihologik sowallaryň toplumynyň ugry | Ýokary okuw mekdebi | Fakulteti, hünäri, okuw ýyly | Ylmy ýolbaşçysy | Elektron salgysy |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

## IV. Uzak aralykdan internet bäsleşiginiň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

1. Uzak aralykdan internet bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgeleri, bäsleşigi geçirmek boýunça meseleler Guramaçylyk topary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Uzak aralykdan internet bäsleşiginiň ýeňijileri Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň I, II, III derejeli diplomlary bilen sylaglanylýar.

3. Bäsleşigiň geçişi we ýeňijileri baradaky maglumatlar institutyň «http://tdbsi.edu.tm/» resmi web-saýty arkaly habar berilýär.